Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda 665 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky № 93-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty

# „ÄTIÝAÇLYKLAR“

*(Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2014-nji ýylyň 19-njy martynda çykaran 32-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 2-nji aprelinde 746 san bilen bellige alnan üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2020-nji ýylyň 17-nji fewralynda çykaran 47-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2020-nji ýylyň 19-njy martynda 1307 san bilen bellige alnan üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen)*

**Mazmuny** **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler ..........1-3
Kesgitlemeler..........4
Ätiýaçlyklara baha bermek..........5-34
Çykdajy hökmünde ykrar etmek..........35-37
Maglumaty açmak..........38
Güýje girýän senesi..........39

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady ätiýaçlyklary hasaba almagyň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr. Ätiýaçlyklary hasaba almagyň esasy meselesi aktiw hökmünde ykrar edilmäge we olaryň geljekde degişli jemi girdejiniň ykrar edilýän pursatyna çenli aktiw hökmünde hasaba alynmaga degişli harajatlaryň ululygyny kesgitlemek bolup durýar.

Şu standart hakyky harajatlary kesgitlemek we gymmatyň mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli islendik azalmagyny goşmak bilen, olary soňundan çykdajylar hökmünde ykrar etmek boýunça görkezmeleri öz içine alýar.

Şeýle hem onda ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna degişli edilýän pul möçberlerini kesgitlemek üçin peýdalanylýan harajatlary hasaplamagyň usullaryna degişli görkezmeler bardyr.

2. Hasaba almagyň hasaplap ýazmak usulyny ulanmak bilen maliýe hasabatlylygyny düzýän we berýän edara ätiýaçlyklar hasaba alnanda şu standarty ulanmalydyr, şu aşakdaky ätiýaçlyklar muňa girmeýär:

a) gurluşyk üçin şertnama, şol sanda olar bilen gönüden-göni baglanyşykly hyzmat etmek üçin şertnamalar boýunça ýüze çykýan tamamlanmadyk işler („Gurluşyk üçin şertnamalar“ DBEMHMS-y);

b) maliýe gurallary;

ç) oba hojalyk işine we hasylyň ýygnalýan pursatynda oba hojalyk önümleri bilen baglanyşykly biologik aktiwler;

d) öwezini dolmazdan edilýän ýa-da gönüden-göni alýanlardan nominal öwezi dolunýan hyzmatlar boýunça tamamlanmadyk işler.

3. Şu standart aşakdakylaryň eýeçiligindäki ätiýaçlyklara baha bermek üçin ulanylmaýar:

a) oba hojalyk we tokaý önümlerini, ýygnalandan soň oba hojalyk önümlerini, şeýle hem minerallary we mineral önümleri öndürijilere, şu pudaklarda bellenen usullara laýyklykda arassa ýerleme gymmaty boýunça baha berilýän derejesinde. Şunuň ýaly ätiýaçlyklara arassa ýerleme gymmaty boýunça baha berlende bu gymmatdaky üýtgetmeler üýtgetmeleriň bolup geçen döwründe peýdalarda/ýitgilerde ykrar edilýär;

b) öz ätiýaçlyklaryna ýerlemek boýunça harajatlary aýyrmak bilen adalatly baha berýän çig mal boýunça dellallara-dilerlere. Şunuň ýaly ätiýaçlyklara olary ýerlemek boýunça çykdajylary aýyrmak bilen adalatly gymmaty boýunça baha berlende, adalatly gymmatdaky üýtgemeler ýerlemek boýunça çykdajylary aýyrmak bilen, üýtgetmeleriň bolup geçen döwründe peýdalarda/ýitgilerde ykrar edilýär.

## KESGITLEMELER

4. Şu standartda aşakdaky adalgalar peýdalanylýar:

**Gündelik dikeldiş gymmaty** – aktiwi satyn almagyň netijesinde hasabatlylyk senesindäki ýagdaýa görä edarada ýüze çykyp biljek harajatlar.

**Alyş-çalyş amaly** – edaranyň aktiwleri/hyzmatlary almagyň ýa-da öz borçnamalaryny üzmegiň ýerine beýleki subýekte takmynan deň gymmatlyklary (esasan harytlar, hyzmatlar ýa-da aktiwlerden peýdalanmak mümkinçiligi görnüşinde) berýän amallary.

**Ätiýaçlyklar** – bu:

a) adaty işiň barşynda ýerlemek üçin niýetlenen;

b) şunuň ýaly ýerlemek üçin önümçilikde bolýan; ýa-da

ç) önümçiligiň barşynda ýa-da hyzmatlaryň edilýän wagtynda sarp ediljek çig mal we materiallar görnüşindäki aktiwlerdir.

Ätiýaçlyklara şular degişlidir:

satyn alnan we gaýtadan satmak üçin niýetlenen harytlar, mysal üçin, bölek satuw söwda edarasy tarapyndan satyn alnan we gaýtadan satmak üçin niýetlenen harytlary goşmak bilen;

gaýtadan satmak üçin niýetlenen jaýlar, enjamlar we beýleki emläkler;

önümçiligiň barşynda peýdalanmak üçin niýetlenen çig maly we materiallary goşmak bilen, edaranyň taýýar önümi ýa-da tamamlanmadyk önümçiligi;

olar babatynda edaranyň olar bilen baglanyşykly girdejileri (düşewündi) ykrar etmedik hyzmatlary üçin harajatlar (hyzmatlary üpjün edijilerde).

**Mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty** – bu önümçiligi tamamlamak üçin hasaplama harajatlaryny we ýerlemek bilen baglanyşykly çak edilýän harajatlary aýyrmak bilen, adaty işiň barşynda ýerlemegiň garaşylýan bahasydyr.

**Adalatly gymmat** – bu barada gowy habarly bolan, geleşigi amala aşyrmak isleýän garaşsyz taraplar tarapyndan geleşik amala aşyrylanda aktiwleriň çalşylyp bilinjek ýa-da borçnamalaryň üzülip bilinjek pul serişdeleriniň möçberidir.

**Alyş-çalyş däl amallar** – bu alyş-çalyş bolup durmaýan amallardyr. Alyş-çalyş däl amal geçirilende ykdysady subýekt alynýan peýdanyň ýerine ekwiwalent gymmatlygy göni bermezden peýda alýar ýa-da ekwiwalent peýdany almazdan beýleki subýekte peýdany berýär.

## ÄTIÝAÇLYKLARA BAHA BERMEK

5. Ätiýaçlyklara özüne düşýän gymmaty boýunça ýa-da aýratyn ýagdaýlarda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetniň çözgüdi boýunça olara mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça baha berilýär, muňa 6-njy bölümiň ulanyp bolýan ýagdaýlary girmeýär.

6. Ätiýaçlyklar alyş-çalyş däl amallar arkaly alnanda olaryň gymmatyna satyn alnan senesindäki adalatly gymmaty boýunça baha berilmelidir.

7. Ätiýaçlyklara özüne düşýän gymmatynyň we gündelik dikeldiş gymmatynyň haýsy biriniň ululygy pes bolsa, şol ululyk boýunça baha berilmelidir, eger olar:

a) mugt paýlamak ýa-da nominal gymmaty boýunça paýlamak üçin;

b) mugt paýlamaga ýa-da nominal gymmaty boýunça paýlamaga degişli harytlary öndürmegiň barşynda sarp etmek üçin saklanýan bolsa.

### Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty

8. Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty satyn almak, gaýtadan işlemek üçin harajatlary we ätiýaçlyklaryň häzirki wagtda ýerleşýän ýerine hem-de ýagdaýyna getirmek üçin çykarylan ähli harajatlary öz içine alýar.

### Satyn almak üçin harajatlar

9. Ätiýaçlyklary satyn almak üçin harajatlar satyn alyş bahasyny, gümrük paçlaryny we salgytlary (soňundan salgyt edaralary tarapyndan kärhana öwezi dolunýan salgytlardan başga), ulag, ulag-ekspeditor we harytlary, materiallary, işleri hem-de hyzmatlary satyn almaga gönüden-göni degişli beýleki çykdajylary öz içine alýar.

Söwda arzanlatmalary, tölegleriň gaýtarylmagy we şuňa meňzeş beýleki maddalar satyn almak üçin harajatlar kesgitlenende aýrylýar.

### Gaýtadan işlemek üçin harajatlar

10. Ätiýaçlyklary gaýtadan işlemek üçin harajatlar şulary öz içine alýar:

önüm öndürmek bilen gönüden-göni baglanyşykly zähmet hakyny tölemek üçin göni harajatlary;

taýýar önüm öndürmek üçin çig mal gaýtadan işlenende ýüze çykýan ulgamlaýyn paýlanan hemişelik we üýtgäp durýan goşmaça önümçilik çykdajylaryny;

hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary – bu gytaklaýyn önümçilik harajatlary bolup, önümçiligiň möçberine garamazdan, belli bir derejede üýtgewsiz galýan harajatlardyr, mysal üçin, önümçilik binalaryndan we enjamlaryndan alynýan ulanyş tutumlary we olara hyzmat etmek üçin çykdajylar, şeýle hem önümçilik bilen bagly dolandyryş we edara ediş harajatlary;

üýtgäp durýan goşmaça önümçilik çykdajylary - bu gytaklaýyn önümçilik harajatlary bolup, olar önümçiligiň möçberine göni ýa-da iş ýüzünde göni bagly harajatlardyr, mysal üçin, çig mal üçin gytaklaýyn harajatlar ýa-da zähmet hakyny tölemek üçin gytaklaýyn harajatlar.

11. Hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylaryny gaýtadan işlemek üçin harajatlara degişli etmek önümçilik kuwwatlyklarynyň kadaly öndürijiliginiň esasynda geçirilýär.

Kadaly öndürijilik – bu adaty şertlerde, meýilnamalaýyn hyzmat etmek bilen baglanyşykly öndürijilikdäki ýitgileri hasaba alyp, birnäçe iş döwrüniň ýa-da möwsüminiň görkezijileriniň esasynda kesgitlenýän ortaça önümçilik görkezijilerinden ugur almak bilen, alynmagyna garaşylýan önümçilik möçberi bolup durýar. Önümçiligiň hakyky möçberi, eger ol kadaly iş öndürijiligine takmynan laýyk gelen halatynda peýdalanylyp bilner.

Şunda önümiň birligine degişli edilýän hemişelik goşmaça çykdajylaryň möçberi önümçilik derejesiniň pes bolan döwründe ýa-da boş durlan döwürde ýokarlanmaly däldir. Paýlanmadyk goşmaça çykdajylar olaryň ýüze çykan döwründäki çykdajylar hökmünde ykrar edilýär.

Önümçiligiň adaty bolmadyk ýokary derejesi bolan döwürlerde önümiň her bir birligine degişli edilýän hemişelik goşmaça çykdajylaryň möçberi ätiýaçlyklara olaryň özüne düşýän gymmatyndan ýokary baha berilmez ýaly görnüşde azaldylýar.

Üýtgäp durýan goşmaça önümçilik çykdajylary önümçilik kuwwatlyklarynyň hakyky peýdalanylyşynyň esasynda önümiň her bir birligine degişli edilýär.

12. Önümçiligiň barşynda şol bir wagtda bir önümden köp önüm öndürilip bilner. Bu ýagdaý, mysal üçin, bilelikde çykarylýan önümler öndürilende ýa-da esasy önüm bilen goşmaça önüm öndürilende bolup geçýär. Eger-de her bir önümi gaýtadan işlemek üçin harajatlary aýratynlykda tapawutlandyryp bolmaýan bolsa, onda olar önümleriň arasynda deň ölçeglilik we yzygiderlilik esasda paýlanýar. Mysal üçin, paýlama her bir önümi ýerlemegiň belli bir gymmaty esasynda ýa-da önüm öndürilýän wagtynda, ýagny, önümleri aýratynlykda tapawutlandyryp bolýan mahalynda ýa önümçilik tamamlananda geçirilýär. Goşmaça önümleriň köpüsi, öz tebigaty boýunça, möhüm bolup durmaýar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda olara köplenç, mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça baha berilýär we bu gymmat esasy önümiň özüne düşýän gymmatyndan aýrylýar. Onuň netijesi hökmünde esasy önümiň balans gymmaty onuň özüne düşýän gymmatyndan ujypsyz derejede tapawutlanýar.

13. Gaýry harajatlar ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna eger olar ätiýaçlyklary häzirki wagtda ýerleşýän ýerine we ýagdaýyna getirmek bilen baglanyşykly bolsa goşulýar. Mysal üçin, ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna önümleri ýörite sargyda laýyklykda müşderiler üçin işläp taýýarlamak boýunça harajatlaryň goşulmagy maksada laýyk bolup biler. Käbir beýleki önümçilik däl goşmaça çykdajylar babatynda hem şunuň ýaly çemeleşmäni peýdalanyp bolar.

14. Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyndan aýrylýan we ýüze çykan döwründe çykdajylar hökmünde ykrar edilýän harajatlar:

a) çig malyň, sarp edilen zähmet ýa-da gaýry önümçilik harajatlarynyň ölçegnamadan artyk ýitgileri;

b) saklamak üçin harajatlar, eger-de olar önümçiligiň barşynda önümçiligiň nobatdaky tapgyryna geçmek üçin zerur bolsa;

ç) ätiýaçlyklaryň häzirki wagtda ýerleşýän ýerine we ýagdaýyna getirmek bilen baglanyşykly bolmadyk goşmaça dolandyryş çykdajylary;

d) ýerlemek üçin çykdajylar.

15. Karzlar boýunça harajatlar ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna diňe "Karzlar boýunça harajatlar" DBEMHMS-ynda göz öňünde tutulan belli bir ýagdaýlarda goşulýar.

16. Edara ätiýaçlyklary tölegi soňa süýşürmek şertlerinde satyn alyp biler. Eger ylalaşyk hakykatdan maliýeleşdirişiň bölegini öz içine alýan bolsa, onda adaty söwda karzynyň şertlerinde satyn alyş bahasy bilen tölenen pul möçberiniň arasyndaky tapawut maliýeleşdirilýän döwrüň dowamynda göterimleri tölemek üçin çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

### Hyzmat edýän edarada ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty

17. Hyzmatlar bilen üpjün edijiler öz ätiýaçlyklaryna olary öndürmek üçin harajatlar boýunça baha berýärler, 2 d) bölümde görkezilen ätiýaçlyklar muňa girmeýär. Bu harajatlar, esasan, şulardan durýar:

a) gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirýän işgärleri goşup, hyzmat etmek bilen gönüden-göni meşgullanýan işgärleriň zähmetine hak tölemek üçin çykdajylar we olar üçin gaýry harajatlar; şeýle hem

b) paýlanýan goşmaça çykdajylar.

Önümleri ýerlemek bilen meşgullanýan we umumy häsiýetli dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýän işgärleriň zähmetine hak tölemek üçin harajatlar we olara degişli gaýry harajatlar ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýar-da, ýüze çykan döwründe çykdajylar hökmünde ykrar edilýär.

Hyzmatlar bilen üpjün edijiniň ätiýaçlyklarynyň özüne düşýän gymmaty peýdanyň ölçeglerini ýa-da köplenç hyzmatlar bilen üpjün edijiler tarapyndan kesgitlenilýän bahalara goşulan paýlanmaýan goşmaça çykdajylary öz içine almaýar.

### Özüne düşýän gymmaty kesgitlemegiň usullary

18. Hasaplamagyň amatly bolmagy üçin ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemegiň aşakdakylar ýaly usullary peýdalanylyp bilner:

a) ölçegleýin harajatlar boýunça hasaba alyş usuly; ýa-da

b) bölek satuw bahalary boýunça hasaba alyş usuly, eger olary ulanmagyň netijeleri özüne düşýän gymmatyň ähmiýetine takmynan laýyk gelýän bolsa.

19. Ölçegnama harajatlary çig maly we materiallary, zähmeti sarp etmegiň, kuwwatlyklardan peýdalanmagyň netijeliliginiň we olaryň öndürijiliginiň kadaly derejelerini göz öňünde tutýar. Olara yzygiderli seljerme geçirilýär we zerur bolan halatynda häzirki şertleri hasaba almak bilen gaýtadan seredilýär.

20. Bölek satuw bahalary usuly köplenç bölek satuw söwdada, birmeňzeş peýda ölçegi bolan, çalt üýtgäp durýan, olar babatynda özüne düşýän gymmaty kesgitlemegiň gaýry usullaryny peýdalanmak iş ýüzünde mümkin bolmadyk maddalaryň uly möçberinden ybarat ätiýaçlyklara baha bermek üçin peýdalanylýar. Ätiýaçlyklaryň birliginiň özüne düşýän gymmaty ätiýaçlyklaryň şu birliginiň ýerleme bahasyny jemi peýdanyň degişli göterimine azaltmak ýoly bilen kesgitlenýär. Peýdalanylýan göterimiň ululygy kesgitlenende gymmaty olaryň ilkibaşky ýerleme bahasyndan pes derejä çenli azaldylan ätiýaçlyklar hasaba alynýar. Köplenç ýagdaýda bölek satuw söwdanyň her bölümi üçin göterimiň ortaça ähmiýeti peýdalanylýar.

### Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny hasaplamagyň usullary

21. Adatça birini beýlekisi bilen çalşyp bolmaýan aýry-aýry maddalaryň ätiýaçlyklarynyň, şeýle hem öndürilen we anyk taslamalar üçin bölünip berlen harytlaryň hem-de hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty anyk harajatlaryň özüne mahsus tapawutlandyrylmagyny peýdalanmak bilen kesgitlenmelidir.

22. Harajatlaryň özüne mahsus tapawutlandyrylmagy anyk harajatlaryň ätiýaçlyklaryň tapawutlandyrylýan maddalaryna degişlidigini aňladýar. Hasaba alşyň bu usuly olaryň satyn alnandygyna ýa-da öndürilendigine garamazdan, anyk taslamalar üçin bölünip berlen maddalara laýyk gelýär. Şeýle-de bolsa, harajatlaryň özüne mahsus tapawutlandyrylmagy adatça birini beýlekisi bilen çalşyp bolýan ätiýaçlyk maddalarynyň sany köp bolan halatynda kabul ederlikli däldir. Şeýle ýagdaýlarda peýda ýa-da ýitgä edilýän täsiriň öňünden kesgitlenen ululygyny almak üçin ätiýaçlyklaryň ätiýaçlyklarda galýan orunlaryny saýlap almak usulyny peýdalanyp bolar.

23. Edara 22-nji bölümi ulanmak bilen, edaranyň bir görnüşli we birmeňzeş maksatly ähli ätiýaçlyklary üçin gymmaty hasaplamagyň şol bir usulyny peýdalanmalydyr. Dürli görnüşli we dürli maksatly ätiýaçlyklar (mysal üçin, ykdysadyýetiň bu segmentinde hem, beýleki segmentinde-de peýdalanylýan käbir harytlar) babatynda hasaplamalaryň dürli usullarynyň ulanylmagy esasly bolup biler.

Ätiýaçlyklaryň geografiki taýdan ýerleşişindäki (we degişlilikde, salgyt salmagyň dürli şertlerindäki) tapawut hasaplamagyň dürli usullaryny peýdalanmak üçin ýeterlik esas bolup durmaýar.

24. Şu standartyň 21-nji bölüminde seredilenlerden başga ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty şu formulalary peýdalanmak bilen kesgitlenýär:

a) “birinji gezek gelip gowuşma – birinji gezek goýberme“ usuly (FIFO); ýa-da

b) ortaça ölçenen gymmat usuly.

Edara tebigaty we edara tarapyndan olary peýdalanmagyň maksady meňzeş bolan ätiýaçlyklaryň ählisi üçin özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň şol bir formulasyndan peýdalanmalydyr.

25. Peýdalanmagyň häsiýeti ýa-da usuly birmeňzeş bolmadyk ätiýaçlyklar babatynda özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň dürli usullarynyň ulanylmagy esasly bolup biler.

26. FIFO usuly ätiýaçlyklaryň birinji bolup alnan ýa-da öndürilen maddalar birinji satylar we degişlilikde, ýylyň ahyrynda ätiýaçlyklarda galýan maddalar bolsa iň soňky bolup satylar ýa-da öndüriler diýen ýol bermelerden ugur alýar.

27. Ortaça ölçenen gymmat usulyna laýyklykda her bir maddanyň özüne düşýän gymmaty döwrüň başynda şoňa meňzeş maddalaryň özüne düşýän gymmatynyň ortaça ölçenen ähmiýetiniň we döwrüň dowamynda satyn alnan ýa-da öndürilen şoňa meňzeş maddalaryň özüne düşýän gymmatynyň esasynda kesgitlenýär. Ortaça ähmiýet döwürleýin esasda ýa-da kärhananyň işiniň aýratynlygyna baglylykda ätiýaçlyklaryň her bir täze tapgyry alnanda hasaplanyp bilner.

## Mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty

28. Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmatyna çenli peseldilmelidir, eger-de:

a) olara fiziki zeper ýeten bolsa;

b) doly ýa-da kem-käsleýin moral taýdan könelende;

ç) ýerleme bahasy gaçanda.

Mundan başga-da, önümçiligi tamamlamak üçin harajatlar ýa-da hasaplama söwda çykdajylary ýerlenen ýagdaýynda ätiýaçlyklaryň gymmatynyň öwezini dolmagyň mümkin bolmadyk derejesine çenli artyp biler. Ätiýaçlyklary mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli hasapdan öçürmek tejribesi, aktiwleri olary ýerlemekden ýa-da peýdalanmakdan alnyp bilner diýip garaşylýan pul möçberinden ýokary gymmat boýunça hasaba alynmaly däldigini göz öňünde tutýan ýörelgä laýyk gelýär.

29. Ätiýaçlyklar adatça maddalar boýunça mümkin bolan ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmatyna çenli hasapdan öçürilýär. Emma käbir halatlarda meňzeş ýa-da biri-biri bilen baglanyşykly maddalary toparlara birleşdirmek maksada laýyk bolup biler. Bu ýagdaý şol bir haryt görnüşine degişli, maksady ýa-da ahyrky peýdalanylyşy birmeňzeş bolan, şol bir geografiki giňişlikde öndürilen we satylýan

we şol bir haryt görnüşiniň gaýry maddalaryndan aýratynlykda baha bermek iş ýüzünde mümkin bolmadyk ätiýaçlyklaryň maddalary babatynda ulanylyp bilner.

Ätiýaçlyklary olaryň toparlara bölünişiniň esasynda, mysal üçin, anyk pudakda ýa-da geografiki segmentde taýýar önümleri ýa-da ähli ätiýaçlyklary mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli hasapdan öçürmek maksada laýyk däldir.

Hyzmatlar bilen üpjün edijiler adatça, olar üçin ylalaşyga (şertnama) laýyklykda aýratyn ýerleme bahasy kesgitlenýän her bir hyzmat boýunça harajatlary bir ýere jemleýärler. Degişlilikde, hyzmatlar boýunça her ylalaşyga (şertnama) ätiýaçlyklaryň aýratyn maddasy hökmünde seredilýär.

30. Ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmatynyň maglumatlar binýadynda (Döwlet haryt-çig mal biržasynyň, Statistika we baradaky döwlet komitetiniň we beýleki resmi çeşmeleriň maglumatlary boýunça) bar bolan hasaplama bahalary iň dogry, elýeterli maglumatlara esaslanmalydyr we eger olar döwrüň ahyrynda bolup geçen şertleri görkezýän bolsa, hasabat döwri tamamlanandan soň bahalardaky üýtgäp durmalary ýa-da gymmaty hasaba almalydyr.

31. Mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty hasaplananda bar bolan ätiýaçlyklaryň niýetlenen maksady hasaba alynýar. Mysal üçin, kesgitli bahalar boýunça harytlary ýerlemek ýa-da hyzmat etmek hakynda şertnamany ýerine ýetirmek üçin niýetlenen ätiýaçlyklary ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmaty şu şertnamalarda bellenen baha esaslanýar. Eger-de şunuň ýaly şertnamalar boýunça ýerleme möçberi bar bolan ätiýaçlyklaryň möçberinden az bolsa, onda ätiýaçlyklaryň galan bölegini mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty ýerleme bahalarynyň umumy derejesine esasylanýar. Ätiýaçlyklary ýa-da kesgitli baha bilen şertnamalar boýunça ätiýaçlyklardan artyk ýerlemekden gelip çykýan borçnamalary hasaba almaga degişli görkezmeler "Baha berilýän gorlar" DBEMHMS-ynda bardyr.

32. Önümçilikde peýdalanmak üçin niýetlenen çig mal we materiallar, eger-de olaryň düzümine girjek taýýar önümleri özüne düşýän gymmata laýyk ýa-da özüne düşýän gymmatyndan ýokary bahadan satmak göz öňünde tutulýan bolsa, özüne düşýän gymmatyndan pes derejä çenli hasapdan öçürilmeýär.

Şeýle-de bolsa, çig malyň bahasynyň peselmegi taýýar önümiň özüne düşýän gymmatynyň mümkin bolan ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmatyndan artyk gelýändigini görkezýän bolsa, çig mal ýerlemegiň mümkin bolan arassa bahasyna çenli hasapdan öçürilýär. Şeýle ýagdaýlarda çig malyň öwezini dolmak üçin harajatlar onuň mümkin bolan ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmatyna laýyk gelýän bahalaryň iň gowusy bolup biler.

33. Soňky her bir döwürde mümkin bolan ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmatyna baha bermek täzeden amala aşyrylýar. Eger-de ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyndan pes derejä çenli hasapdan öçürmek zerurlygyny şertlendiren ýagdaýlar aradan aýrylsa ýa-da ykdysady şertleriň üýtgemegi sebäpli mümkin bolan ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmatynyň ýokarlanýandygyna açyk subutnama bar bolsa, onda ozal hasapdan öçürilen pul möçberi täze balans gymmaty iki ähmiýetiň, ýagny, özüne düşýän gymmatyň ýa-da mümkin bolan ýerlemegiň gaýtadan seredilen arassa özüne düşýän gymmatynyň iň pes

ähmiýetine laýyk geler ýaly dikeldilýär (ýagny, dikeltmek ilkibaşda hasapdan öçürilen pul möçberiniň çäklerinde geçirilýär). Mysal üçin, bu ýagdaý ätiýaçlygyň ozal ýerleme bahasynyň peselmegi sebäpli, ätiýaçlygyň mümkin bolan ýerlemegiň arassa özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alynýan haýsydyr bir maddasynyň soňky döwürde hem ätiýaçlyklaryň galyndysynda durýan, onuň ýerleme bahasynyň bolsa ýokarlanan wagtynda bolup geçýär.

**Harytlary mugt ýa-da nominal gymmaty boýunça paýlamak**

34. Edaranyň olary peýdalanmakdan alynjak geljekki peýdalar we peýdaly mümkinçilik olaryň pul serişdeleriniň netto (arassa)-gelmegini üpjün etmek ukyby bilen gönüden-göni bagly bolmadyk ätiýaçlyklary bolup biler. Ätiýaçlyklaryň şunuň ýaly görnüşleri hökümetiň käbir harytlary mugt ýa-da nominal gymmaty boýunça paýlamak maksady bilen baglanyşykly ýüze çykyp biler. Şeýle ýagdaýlarda bu ätiýaçlyklardan alynjak geljekki ykdysady peýdalar ýa-da peýdaly mümkinçilik maliýe hasabatlylygynda, eger bu edaranyň maksadyna ýetmek üçin zerur bolsa, ykdysady peýdalaryň ýa-da peýdaly mümkinçligiň tölegi üçin edara zerur bolup biljek pul möçberinde görkezilýär. Şeýle ýagdaýda, eger-de ykdysady peýdalary ýa-da peýdaly mümkinçiligi bazarda almak mümkin bolmasa, dikeldiş gymmatyna baha bermegi geçirmeli bolar.

## ÇYKDAJY HÖKMÜNDE YKRAR ETMEK

35. Ätiýaçlyklar ýerlenenden, çalyşylandan ýa-da paýlanandan soň olaryň hasaba alnan pul möçberi degişli jemi girdejiniň ykrar edilen döwründe çykdajy hökmünde ykrar edilmelidir. Eger onuň bilen baglanyşykly jemi girdeji ýok bolsa, çykdajy harytlaryň paýlanan ýa-da hyzmatlaryň edilen wagtynda ykrar edilýär. Ätiýaçlyklaryň gymmatynyň mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli bölekleýin hasapdan öçürilen ululygy hasapdan öçürmegiň geçirilen ýa-da ýitginiň ýüze çykan döwründe çykdajylar hökmünde ykrar edilmelidir. Mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatynyň artmagy bilen baglanyşykly ätiýaçlyklaryň islendik görnüşde bölekleýin hasapdan öçürilmeginiň gaýtarylan ululygy yzyna gaýtarmagyň amala aşyrylan döwründe çykdajylar hökmünde ykrar edilen ätiýaçlyklaryň ululygynyň azalmagy hökmünde ykrar edilýär.

Ulanyş möhleti bir ýyldan köp bolan, hojalyk işinde ulanylmaga goýberilen we edaralaryň hasaba alyş syýasatynda bellenen ätiýaçlyklaryň soňraky hasaba alnyşy, olaryň gymmaty boýunça berlen pursatynda "Gaýry ätiýaçlyklar" hasabynda açylan "Ulanyşdaky ätiýaçlyklar" jikme-jik hasabyna geçirilip, doly ulanylmaga ýaramaýan pursatyna çenli ýöredilýär hem-de maddy jogapkärleriň hasabatynda görkezilýär.

Döwlet býujet edaralary tarapyndan ätiýaçlyklaryň berilmegi (muzdsyz) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

36. Hyzmat edýän edara üçin ätiýaçlyklaryň çykdajylar hökmünde ykrar edilýän pursaty hyzmatlaryň edilen ýa-da tölegli hyzmatlar üçin hasap ýazylyp berlen pursaty bilen gabat gelýär.

37. Käbir ätiýaçlyklar, mysal üçin, öz güýçleri bilen gurlan binanyň ýa-da desganyň düzüm bölekleri hökmünde peýdalanylan ätiýaçlyklar beýleki aktiwleriň gymmatyna degişli bolup biler. Şunuň ýaly ätiýaçlyklar şol aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

## MAGLUMATY AÇMAK

38. Maliýe hasabatlylygy şulary açyp görkezmelidir:

a) ätiýaçlyklara baha bermek üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyny, şol sanda özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň peýdalanylan formulasyny;

b) ätiýaçlyklaryň umumy balans gymmaty we şu edaranyň toparlara bölünişindäki balans gymmatyny;

ç) ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, ätiýaçlyklaryň adalatly gymmat boýunça görkezilen balans gymmatyny;

d) döwrüň dowamynda ätiýaçlyklaryň çykdajylar hökmünde ykrar edilen möçberini;

e) ätiýaçlyklaryň şol döwürde girdejiler we çykdajylar barada hasabatda ykrar edilýän islendik ululygyny;

ä) hasapdan öçürilen ätiýaçlyklary gaýtarmaga getiren ýagdaýlary ýa-da wakalary; we

f) borçnamalaryň üpjünçiligi hökmünde goýlan ätiýaçlyklaryň balans gymmatyny.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

39. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart jemgyýetçilik bölegi üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 12 "Ätiýaçlyklar" (IPSAS 2007) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylar muňa girmeýär:

käbir bölümlere has düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

döwlet býujet edaralary tarapyndan mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça ätiýaçlyklara baha bermegi aýratyn ýagdaýlarda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça geçirmek göz öňünde tutuldy;

düşündiriş häsiýeti bolan käbir bölümler gysgaldyldy we ýönekeýleşdirildi.